**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#37(268)

четверг, 11 сентября 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**5-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

**Milli parlamentde**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek barada kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, ministrliklerden we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan gelip gowuşýan teklipleriň esasynda kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça geçirilýän işler barada maglumat berdi. Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda iş toparlarynda hemişelik Bitarap döwletimiziň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary, ylmy-intellektual eýeçilik gatnaşyklarynyň kadalaryny, wirtual aktiwleriň dolanyşygyny düzgünleşdirmek hem-de ýurdumyzyň halkara başlangyçlaryny kanunçylyk taýdan goldamak bilen baglanyşykly kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak boýunça degişli işleriň geçirilýändigi aýdyldy. Şeýle hem hereket edýän käbir kanunçylyk namalaryna döwrüň talaplaryna laýyklykda üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk işleri geçirilýär.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

**Ykdysadyýetde**

«Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» hem-de bu Konsepsiýany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanylandygy aýdylýar. Bellenilişi ýaly, Konsepsiýada ýurdumyzda zähmet bazaryny ösdürmegiň maksatlary, wezipeleri, esasy ugurlary hem-de ony durmuşa geçirmekden garaşylýan netijeler beýan edilýär.

Şeýle hem Halkara Zähmet Guramasy bilen hyzmatdaşlygy hasda işjeňleşdirmek, ýurdumyzyň bu guramanyň esasy we ileri tutulýan konwensiýalaryna goşulmagy ýaly meseleleri öwrenmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda zähmet bazaryny ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz zähmet bazaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek maksady bilen, «Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasyny tassyklamak hakynda» Karara gol çekdi, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, degişli tabşyryklary berdi.

**Nebitgaz toplumynda**

Mejlisde «Türkmennebit» döwlet konserniniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlarynyň önümçiligini has-da döwrebaplaşdyrmak, olarda täze önümçilikleri ýola goýmak boýunça alnyp barylýan işler barada hem hasabat berildi. Onda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda konserniň garamagyndaky zawodlary doly kuwwatynda işletmek, hususan-da, Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň önümçilik desgalarynyň bökdençsiz işlemegini üpjün etmek üçin netijeli çäreler görülýär diýlip bellenilýär.

Hormatly Prezidentimiz «Türkmennebit» döwlet konserniniň garamagyndaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň önümçilik kuwwatyny netijeli peýdalanmak üçin zerur işleri alyp barmagyň möhümdigine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň degişli desgasyny döwrebaplaşdyrmak baradaky teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

**Oba hojalygynda**

Oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda alnyp barylýan möwsümleýin işler barada hasabatdan görnüşi ýaly, hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen, Diýarymyzda bugdaý ekişi möwsümine guramaçylykly girişildi. Häzirki wagtda bugdaý ekişini bellenen agrotehniki möhletlerde geçirmek, önüm öndürijileri ýokary hilli tohumlar bilen üpjün etmek boýunça degişli çäreler görülýär. Ýeralmanyň, gök-bakja we beýleki azyklyk ekinleriniň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegi we onuň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Degişli wise-premýere geljek ýylyň bugdaý hasylynyň ekiş möwsümini geçirmegi, bu işde talabalaýyk ýokary hilli bugdaý tohumyndan peýdalanyp, oba hojalyk tehnikalaryny netijeli ulanmagy tabşyrdy.

**Medeniýetde**

«Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň jemleýji tapgyryny geçirmäge görülýän taýýarlyk baradaky hasabatda zehinli aýdymçylaryň birnäçesiniň Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň arasynda yglan edilen «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda döwlet derejesinde geçirilýän jemleýji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanandygy aýdylýar. Bu telebäsleşigiň jemleýji tapgyryny «Aşgabat» aýdym-saz merkezinde geçirmegiň meýilleşdirilendigi nygtalýar.

Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz ýurdumyzda milli aýdym-saz sungatyny ösdürmäge we kämilleşdirmäge uly ähmiýet berilýändigini, aýdymçy ýaşlarymyz üçin ähli şertleriň döredilýändigini belledi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz wise-premýere «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň jemleýji tapgyryny hem ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

* * *

Mundan başga-da, Hökümet mejlisiniň dowamynda ylym, bilim, sport, saglygy goraýyş, gurluşyk we senagat ulgamlarynda, daşary syýasatda, ulag we kommunikasiýa, söwda we telekeçilik pudagynda alnyp barlan işlere garalyp, degişli çözgütler kabul edildi.



# ÝURDUMYZYŇ SENAGAT TAÝDAN ÖSÜŞINIŇ NYŞANY

***8-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.***

Ir bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow täze, döwrebap önümçiligiň ulanmaga berilmegi mynasybetli dabaranyň geçirilýän ýerine geldi. Hemmeler döwlet Baştutanymyzy uly ruhubelentlik bilen garşyladylar. Bu ýerde ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz dabaraly ýagdaýda täze kärhananyň toý bagyny kesdi. Şol pursatda asmana dürli reňkdäki howa şarlary uçuryldy. Soňra hormatly Prezidentimiz kärhananyň çäginde guralan gurluşyk we senagat toplumynyň sergisini synlady.

Sergide gurluşyk, senagat toplumynyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň sergi diwarlyklary ýaýbaňlandyryldy.

Sergi bilen tanyşlykdan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow önümhananyň edara binasyna bardy. Bu ýerde hünärmen açylyp ulanmaga berilýän täze önümhananyň milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryny gaplyk çüýşe önümleri bilen doly üpjün etmäge ýardam berjekdigini aýdyp, şeýle döwrebap kärhanada işlemäge döreden giň mümkinçilikleri üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi we önümhananyň işine ak pata bermek baradaky haýyş bilen ýüzlendi.

Tolgundyryjy pursat gelip ýetdi: hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow düwmäni basyp, täze senagat desgasyny işe girizdi. Gaplyk çüýşe önümlerini öndürýän kärhananyň öz işine başlamagy we önümçiligiň çylşyrymly tehnologik prosesi wideoşekillerde görkezildi. Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze kärhananyň barlaghana otagyna bardy. Bu ýerde hünärmen döwlet Baştutanymyzy onda döredilen şertler bilen tanyşdyrdy.

Hormatly Prezidentimiz hünärmene işinde üstünlikleri arzuw edip, önümhana bardy we bu ýerde önümçiligiň tehnologik prosesi bilen tanyşdy.

Soňra bu ýerde täze önümhana güwänamalary gowşurmak dabarasy boldy.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Horn Glass Industries» kompaniýasynyň Ýerine ýetiriji direktory Stefan Erwin Meindl hemmeleri dabaraly waka mynasybetli gutlap, bu döwrebap zawodyň iň öňdebaryjy enjamlar bilen üpjün edilendigini belledi. Soňra işewür Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine täze kärhanada ornaşdyrylan enjamlaryň Germaniýa Federatiw Respublikasynda hereket edýän we halkara derejede kabul edilen standartlara doly laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänamany gowşurdy.

Soňra çykyş etmek üçin Italiýa Respublikasynyň «Vetromeccanica Srl» kompaniýasynyň wekili Alessandro Nigro söz berildi. Kompaniýanyň wekili hemmeleri täze kärhananyň işe girizilmegi mynasybetli gutlap, taslamany durmuşa geçirmäge döreden ähli zerur şertleri üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. A.Nigro Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine çüýşe önümlerini öndürýän önümhanada gurnalan tehnologik enjamlaryň hil, daşky gurşaw we howpsuzlyk taýdan halkara standartlaryň kadalaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänamany dabaraly ýagdaýda gowşurdy. Şeýle-de önümhana Italiýanyň «Bottera» kompaniýasynyň halkara standartlaryna laýyk gelýän toplumlaýyn dolandyryş ulgamynyň ornaşdyrylandygyny tassyklaýan güwänamanyň gowşurylýandygy yglan edildi.

Soňra hormatly Prezidentimize senagat we gurluşyk toplumynyň ähli işgärleriniň adyndan ajaýyp türkmen halysy sowgat berildi.

Soňra döwlet Baştutanymyz «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň ýolbaşçysyna täze awtoulaglaryň we ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi senagatlaşdyrmak, ony diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek hem-de eksport kuwwatyny artdyrmak babatda uly işler alnyp barylýar. Ynha, şanly ýylymyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak patasy bilen çüýşe önümlerini öndürýän täze önümhana dabaraly açylyp ulanmaga berildi. Döwrebap senagat desgasynyň açylyş dabarasynyň dowam edýän pursatlarynda hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylara ýüzlenip, ýakynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda täze Döwletli mekan obasynyň, Kaka etrabynda Bagtly zamana obasynyň, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda bolsa Bitaraplyk şäherçesi bilen birlikde döwrebap awtomobil köprüsiniň ulanmaga beriljekdigini, şeýle-de paýtagtymyzda döwrebaplaşdyrylan täze seýilgähiň açylyş dabarasynyň boljakdygyny aýtdy. Mundan başga-da, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde durmuş maksatly desgalar ulanmaga berler. Bularyň ählisi ýurdumyzyň Garaşsyzlyk toýunda halkymyza uly sowgat bolar. Bu gün Türkmenistan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda beýik özgertmeler ýoly bilen ynamly öňe barýar, halkymyz Garaşsyzlyk baýramyny täze zähmet üstünlikleri bilen dabaralandyrýar. Munuň özi döwlet Baştutanymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgesiniň halkyň bagtyýar durmuşynda öz beýanyny tapýandygyny görkezýär.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz hemmelere üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

Şeýlelikde, täze kärhananyň işe girizilmegi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak we onuň senagat kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça durmuşa geçirilýän ykdysady strategiýanyň üstünliklere beslenýändigini nobatdaky aýdyň mysaly boldy.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ФЕДЕРАТИВНОЙ РЕСПУБЛИКИ БРАЗИЛИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Федеративной Республики Бразилия Луису Инасиу Луле да Силве по случаю национального праздника – Дня независимости Федеративной Республики Бразилия.

Пользуясь приятной возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Луису Инасиу Луле да Силве искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Бразилии – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ТАДЖИКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Таджикистан Эмомали Рахмону и всему братскому народу страны по случаю Дня независимости Республики Таджикистан.

«Запрошедшиегодыпоследовательноулучшается социально-экономическое благосостояние Таджикистана, активно повышается его роль в решении актуальных вызовов международной повестки», – отметил Президент Туркменистана, подтвердив готовность и далее прилагать необходимые усилия для вывода туркмено-таджикского сотрудничества на новый уровень.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов искренне пожелал Президенту Эмомали Рахмону крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Таджикистана – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЛАВУ КОРЕЙСКОЙ НАРОДНО-ДЕМОКРАТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил тёплые поздравления и наилучшие пожелания Председателю государственных дел КНДР Ким Чен Ыну и народу страны по случаю национального праздника – Дня образования Корейской Народно-Демократической Республики.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана выразил главе Корейской Народно-Демократической Республики Ким Чен Ыну искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу страны – мира, благополучия и процветания.

**Statement of the MFA of Turkmenistan**

Turkmenistan condemns strikes by the State of Israel on a residential area in Doha and considers such actions as an encroachment on the sovereignty of the State of Qatar and a gross violation of international law.

The use of force or the threat of its use as a means of resolving any international issues is considered absolutely unacceptable and runs counter to the norms and principles of the Charter of the United Nations.

MFA of Turkmenistan

# MEETING OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN WITH THE DEPUTY GOVERNOR OF THE JAPAN BANK FOR INTERNATIONAL COOPERATION

On September 5, 2025, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov met with Deputy Governor of the Japan Bank for International Cooperation (JBIC) Kazuhiko Amakawa.



Thanking the President of Turkmenistan for the time provided for the meeting, the guest noted Turkmenistan's achievements in the economic sphere, as well as the great interest of Japanese business circles in working in the promising Turkmen market.

During the meeting, it was emphasized that business relations between Turkmenistan and Japan are always based on mutual respect and equality. Regular high-level visits give impetus to the development of these relations, filling them with new meaning and content.

As noted, Turkmenistan pays special attention to the development of macroeconomic policy, improvement of financial markets and expansion of investment opportunities.

Noting that Turkmenistan, which has rich deposits of natural resources, aims to develop this area through diversification, the Head of the State emphasized the great contribution of Japanese companies to the effective use of the economic potential of our country.

Kazuhiko Amakawa, in turn, noted that as a result of economic development programs and reforms in the industrial sector, favorable conditions for doing business are created in Turkmenistan, emphasizing the commitment of the Bank he heads to intensifying cooperation with our country in new areas.

Speaking about Turkmenistan's big plans for the production and processing of natural gas, President Serdar Berdimuhamedov expressed country's readiness to consider specific proposals from the Japanese side for further cooperation in new areas.

At the end of the meeting, the President of Turkmenistan expressed confidence that the partnership established between Turkmenistan and the Japan Bank for International Cooperation will effectively develop on a mutually beneficial basis, wishing Kazuhiko Amakawa all the best.



# MEETING WITH THE REPRESENTATIVE DIRECTOR, DEPUTY GOVERNOR OF THE JAPAN BANK FOR INTERNATIONAL COOPERATION (JBIC)

On September 5, 2025, a meeting was held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Representative Director, Deputy Governor of the Japan Bank for International Cooperation (JBIC) Mr. Amakawa Kazuhiko.

During the talks, the high dynamics of the development of Turkmen-Japanese relations across the entire spectrum of interaction were noted. It was stated that an open and trusting political dialogue at the highest level contributes to the further strengthening of interstate ties.

Special attention was paid to expanding the legal framework of the partnership. In this regard, the parties noted the importance of bilateral documents signed during the working visit of the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov to Japan in April of this year.

The accumulated positive experience of interaction between Turkmenistan and JBIC was noted with satisfaction. The effectiveness of joint projects implemented on the basis of bilateral agreements and aimed at financing the construction of large facilities in the oil and gas, electric power, chemical and other industries was emphasized.

Having highly appreciated the open investment policy conducted under the leadership of the President of Turkmenistan, the Japanese side expressed interest in intensifying ties and confirmed its readiness to participate in the implementation of large-scale national projects.

**2025-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Finlýandiýanyň ÝHHG-daky Ýörite wekili Teri Hakalanyň arasynda duşuşyk geçirildi.**

Duşuşygyň başynda R.Meredow hanym Teri Hakala konstruktiw hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşan goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi we Finlýandiýanyň ÝHHG-nyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmakdaky ornuny aýratyn belledi.

Gepleşikleriň dowamynda taraplar syýasy, ykdysady-ekologik we ynsanperwer ugurlaryň çäklerinde Türkmenistan bilen ÝHHG-nyň arasyndaky köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşdylar. Bu ugurlarda durmuşa geçirilýän taslamalaryň we maksatnamalaryň ähmiýeti bellenildi.

# FINLÝANDIÝANYŇ ÝHHG-DAKY ÝÖRITE WEKILI BILEN DUŞUŞYK GEÇIRILDI



Soňky ýyllarda Türkmenistanyň Parlament Assambleýasy, Milli azlyklar boýunça Ýokary komissaryň edarasy, Demokratik edaralar we adam hukuklary boýunça býurosy we Habar beriş serişdeleriniň azatlygy boýunça wekili ýaly ÝHHG-niň institutlary bilen gatnaşyklarynyň işjeňleşdirilendigi nygtaldy.

Helsinki jemleýji namasynyň 50 ýyllygy bellenilýän ýylda ÝHHG-nyň başlyklygynyň bu taryhy resminamanyň kabul edilen ýurdy bolan Finlýandiýa tarapyndan amala aşyrylmagynyň aýratyn mana eýedigi bellenildi.

Şu nukdaýnazardan, söhbetdeşler Finlýandiýa ÝHHG-nyň başlyklygynyň şu ýyl dialogy we ynanyşmagy berkitmäge gönükdirilen ileri tutulýan ugurlarynyň Türkmenistanyň bitarap daşary syýasy ugruna we halkara başlangyçlaryna, şol sanda 2025-nji ýylyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hökmünde yglan edilmegine laýyk gelýändigi barada ylalaşdylar.

Taraplar howpsuzlygy, energetikanyň ösdürilmegini, şeýle-de ulag arabaglanyşygyny üpjün etmek üçin umumy tagallalary utgaşdyrmagyň derwaýysdygyny nygtadylar. Şunuň bilen birlikde, adam hukuklaryny goramak ugrunda tejribe alyşmak, demokratik institutlaryny pugtalandyrmak we kanunyň hökmürowanlygy babatynda özara gatnaşyklary dowam etdirmegiň zerurdygy bellenildi.

# ВСТРЕЧА СО СПЕЦИАЛЬНЫМ ПРЕДСТАВИТЕЛЕМ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ООН, ГЛАВОЙ РЦПДЦА



10 сентября 2025 года состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова со Специальным представителем Генерального секретаря ООН, Главой Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) Кахой Имнадзе.

В ходе встречи стороны обсудили вопросы сотрудничества между Туркменистаном и РЦПДЦА в контексте начавшей свою работу 80-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН.

Ключевым предметом переговоров стали Приоритетные позиции Туркменистана на 80-й сессии ГА ООН. Подчёркивалось, что многие из них коррелируют с мандатом Центра. В этой связи туркменская сторона подтвердила готовность к активному взаимодействию с РЦПДЦА по их реализации.

# THE MINISTRY OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN HELD A MEETING WITH THE UN RESIDENT COORDINATOR IN TURKMENISTAN

On September 10, 2025, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with the UN Resident Coordinator in Turkmenistan Dmitry Shlapachenko.

During the meeting, the parties discussed current areas of cooperation between Turkmenistan and the UN and its specialized agencies.

It was noted that on September 9 of this year, the regular session of the UN General Assembly began its work in New York, which has become an important international platform for discussing current issues on the global agenda.

During the conversation, special attention was paid to issues related to the upcoming meeting of the Turkmenistan-UN Strategic Advisory Council.

In the context of preparations for the celebration of the 80th anniversary of the founding of the United Nations, the Turkmen side expressed its readiness to assist in holding the planned events in the country.

## ТУРКМЕНИСТАН НАПРАВИЛ ГУМАНИТАРНУЮ ПОМОЩЬ АФГАНСКОМУ НАРОДУ, ПОСТРАДАВШЕМУ ОТ ЗЕМЛЕТРЯСЕНИЯ

5 сентября 2025 года из Международного аэропорта Ашхабада была отправлена гуманитарная помощь детям и жителям Афганистана, пострадавшим от землетрясения.

В соответствии с Распоряжением Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в качестве гуманитарной помощи соседнему афганскому народу, в первую очередь детям и жителям, пострадавшим от стихийного бедствия, переданы текстильные изделия, продукты питания, а также одежда и другие товары первой необходимости.

Туркменский народ продолжает следовать древним традициям гуманизма и милосердия, протягивая братскую руку помощи нуждающимся. Отправка гуманитарной помощи осуществилась от имени Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова за счет средств организации, что является ещё одним подтверждением приверженности благородным принципам гуманизма.

Одним из приоритетных векторов внешнеполитической стратегии нейтрального Туркменистана, инициированной Национальным Лидером туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедовым и ныне успешно реализуемой Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым, выступает развитие широкого международного сотрудничества, где особое значение придаётся гуманитарным связям.

Участники церемонии передачи гуманитарной помощи выразили благодарность руководству Туркменистана за постоянную поддержку афганского народа.

Последовательно претворяя в жизнь конструктивный внешнеполитический курс, Туркменистан вносит весомый вклад в углубление гуманитарного сотрудничества в региональном и глобальном измерении. Данное направление выступает важным аспектом развития международных отношений на основе взаимопонимания, уважения и доверия.

## MEETING WITH THE UNODC REGIONAL REPRESENTATIVE FOR CENTRAL ASIA, AFGHANISTAN, IRAN AND PAKISTAN

On September 10, 2025, a meeting was held between the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan M.Byashimova and the UNODC Regional Representative for Central Asia, Afghanistan, Iran and Pakistan Oliver Stolpe.

During the talks, the parties discussed a wide range of issues of cooperation in the field of countering modern challenges and threats. Particular attention was paid to joint efforts to implement the UNODC Program for Central Asia for 2022-2025, which has been extended until June 2027.



Particular importance was attached to cybersecurity issues at the meeting. The importance of the UN Convention on Cybercrime, which will be signed on October 25-26 this year in Vietnam, was emphasized.

The Turkmen side emphasized its commitment to continuing fruitful cooperation with the UNODC, including in the field of cybersecurity, countering synthetic drugs and human trafficking. In this context, the importance of the adopted National Action Plan for 2025-2029 to combat human trafficking was highlighted.

The organizational aspects of upcoming joint events this year were also considered.

At the end of the meeting, the parties declared their mutual interest in further developing a fruitful partnership and emphasized the importance of coordinating joint actions to effectively counter modern challenges and threats.




### Обсуждены актуальные вопросы туркмено-узбекского сотрудничества

29 августа 2025 года в МИД Республики Узбекистан состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Республике Узбекистан Ш.Мередова с Заместителем министра иностранных дел Республики Узбекистан Б.Усмановым.

В ходе переговоров стороны обсудили нынешнее состояние и перспективы двустороннего сотрудничества в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Стороны также обменялись мнениями о предстоящих мероприятиях в рамках двустороннего и многостороннего сотрудничества.

### В Посольстве Туркменистана в Исламабаде состоялась встреча с делегацией Общества азиатских цивилизаций

10 сентября 2025 года в Посольстве Туркменистана в Исламабаде состоялась встреча с делегацией Общества азиатских цивилизаций Пакистана во главе с его основателем Зульфикар Али Куреши.

Туркменская сторона представила презентацию о внешнеполитическом курсе Нейтрального Туркменистана, а также об итогах 3-й Конференции ООН по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю, прошедшей в Авазе в августе 2025 года.

В завершение встречи была подтверждена готовность к дальнейшему укреплению контактов и продолжению диалога, направленного на развитие политических, экономических и культурных связей между двумя братскими странами.

### Туркменистан и немецкий Рейнланд-Пфальц активизируют деловой диалог

Туркменистан и федеральная земля Германии Рейнланд-Пфальц рассматривают перспективы торгово-экономического и культурного взаимодействия. В рамках рабочего визита в столицу земли, город Майнц, консул Туркменистана в ФРГ Мурад Озбекбаев провёл ряд встреч с ключевыми представителями региона, включая Государственного секретаря Министерства экономики, транспорта, сельского хозяйства и виноградарства Петру Дик-Вальтер и руководство Торгово-промышленной палаты Рейн-Гессен.

В ходе переговоров стороны подчеркнули важность развития прямых контактов между региональными торгово-промышленными палатами и бизнес-кругами. Особое внимание было уделено таким перспективным направлениям, как энергетика, химическая промышленность, аграрный сектор, фармацевтика, биотехнологии, а также машиностроение и высокие технологии.

Отмечалось, что плодотворное взаимодействие между Туркменистаном и Рейнланд-Пфальцем имеет большой потенциал. Немецкая сторона была подробно проинформирована о торгово-экономических возможностях Туркменистана. Выражена взаимная заинтересованность в организации двусторонних визитов и совместных деловых мероприятий в ближайшем будущем. В частности, Торгово-промышленная палата Рейн-Гессен, объединяющая около 42 000 предприятий-членов, выразила заинтересованность в установлении и расширении деловых контактов с бизнес-кругами Туркменистана.

### Миссия Туркменистана в Пакистане усиливает международный диалог по энергопроектам: встреча с послом ЕС

11 сентября в Исламабаде состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана Атаджана Мовламова с Послом Европейского Союза в Пакистане Раймундасом Кароблисом.

Туркменский дипломат поздравил своего коллегу с началом работы в Пакистане и выразил уверенность, что его деятельность будет способствовать укреплению связей ЕС с регионом. Центральной темой беседы стали перспективы расширения взаимодействия Туркменистана и ЕС, включая вопросы устойчивого развития и региональной взаимосвязанности.

Особое внимание стороны уделили инфраструктурным проектам — газопроводу ТАПИ и линии электропередачи ТАП, которые рассматриваются как ключевые элементы формирования единого энергетического пространства. Туркменистан, обладающий значительными запасами энергоресурсов, вновь подтвердил готовность к открытому и взаимовыгодному сотрудничеству в этой сфере.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***